# Aýal mährem bolanda

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýal mährem bolanda AÝAL MÄHREM BOLANDA

*Galyberse hödür-hümmet*
*Gaçyberse gadyr-gymmat*
*Gidiberse rysgal-döwlet*
*Sendenmi ýa, mendenmikä?*
***Senaly***

Ömrüňe ömür goşar,
Aýal, mährem bolanda,
Gadryn bil, söýüp başar,
Aýal mährem bolanda.

Nähoşlasaň duýýandyr,
Arkaň alyp, durýandyr,
Saňa sarpa goýýandyr,
Aýal mährem bolanda.

Ýürekdeşdir sözleri,
Giň dünýädir gözleri,
Geçirimli özleri,
Aýal mährem bolanda.

Tanadar, özün başda,
Toý-ýasda, durmaz daşda,
Höwrüger, kowum-kyşda,
Aýal mährem bolanda.

Hiç zeýrenmez, torsarmaz,
Günäni sende görmez,
Bolgusyz gepe barmaz,
Aýal mährem bolanda.

Öýüň içi ýaldyrar,
Söz sözlese, bal garar,

Seni arşa galdyrar,
Aýal mährem bolanda.

Naz-nygmatdyr saçagy,
Gyzgyn-gordur gujagy,
Agzybirlik ojagy,
Aýal mährem bolanda.

Koňül küýsär, küýünde,
Haçan gelseň, öýüňde,
Baýdagyňdyr toýuňda,
Aýal mährem bolanda.

Ýaşaşmaga «arkaýyn»,
Göz ýetirsiň günsaýyn,
Illi, barmydyr paýyň,
Aýal mährem bolanda. Goşgular